# Toty

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Toty

TOTY

Ýelpäp mylaýym ýeller,
Bag içinde bark urup,
Açylanda bägüller,
Gonup belent çynara,
Tutdy bir toty mekan.
Guşlar ony görmäge
Uçdy çynara bakan.

Tity uzak saýrady,
Sesi baga ýaýrady.
Ol ilki bada
Eýe boldy şöhrata.

Endamyna per bitmedik,
Agzyndan sarysy gitmedik,
Gamyşganat guş çagasy boldy şat.
Gulak asyp owazyna,
Nagmasyny tutdy ýat.

Totyny öwdüler, hasaplap ökde:
"Şeýle owaz eşitmändik şu çakda.
Ýetibilmez bilbilem
Totymyzyň deňine".
Toty bilýänleriniň
Basym ýetdi soňuna.

Diňläp-diňläp ýadan guşlar
"Hoş" owazdan bezdiler.
Göge galkyp, "gadyrdandan"
Arasyny üzdüler.

Totulardan görmäñ gaty:
Söz eşitse adamzatdan,
Gaýta-gaýta sanap ýatdan,
Saýrap ýörmek edäheti.

1952 ý.

Ýagmyr PIRGULYÝEW.

Goşgular